# Türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gahryman Arkadagymyz Arkadag şäherine iş saparyny amala aşyrdy

Türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow Arkadag şäherine iş saparyny amala aşyrdy. Gahryman Arkadagymyz bu ýerde Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň wise-prezidentleriniň gatnaşmagynda iş maslahatyny geçirdi.

Häzirki döwürde Gahryman Arkadagymyzyň we Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň taýsyz tagallalary bilen ýurdumyzda alnyp barylýan işler geljegimiz bolan çagalaryň bagtyýar durmuşynyň üpjün edilmegine, olar üçin ähli zerur şertleriň döredilmegine gönükdirilýär. Bu ugurda Milli Liderimiziň başyny başlan işleri hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda mynasyp dowam etdirilýär.

…Türkmen halkynyň Milli Lideri Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň Arkadag şäherinde ýerleşýän ştab-kwartirasyna geldi. Bu ýerde Gahryman Arkadagymyzy gaznanyň wise-prezidentleri mähirli garşyladylar.

Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň edara binasynda gaznanyň bejeriş işleri boýunça wise-prezidenti O.Atabaýewanyň we wise-prezidenti R.Bazarowyň gatnaşmagynda iş maslahatyny geçirdi. Onda häzirki döwürde gazna tarapyndan alnyp barylýan işler we ony mundan beýläk-de ösdürmegiň ugurlary ara alnyp maslahatlaşyldy. R.Bazarow, ilki bilen, hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowa Ýaponiýanyň Sukuba uniwersitetiniň hormatly doktory akademiki derejesiniň berilmegi hem-de degişli diplomyň gowşurylmagy mynasybetli Arkadagly Gahryman Serdarymyzy we Gahryman Arkadagymyzy gutlady. Şeýle-de ol ýakynda Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň döredilmeginiň 4 ýyllygy mynasybetli guralan dabaralaryň, şanly senäniň hormatyna halkara forumyň ýokary guramaçylyk derejesinde geçirilendigi barada hasabat berdi.

R.Bazarow şanly sene mynasybetli guralan dabaralara we halkara foruma dünýäniň köp ýurtlaryndan, şol sanda Gazagystandan, Gyrgyzystandan, Özbegistandan, Täjigistandan we beýleki döwletlerden wekilleriň, ÝUNISEF-niň Türkmenistandaky wekilhanasynyň ýolbaşçysynyň gatnaşandyklaryny we olar bilen birnäçe ikitaraplaýyn duşuşyklaryň geçirilendigini habar berdi. Maslahatyň çäklerinde Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasy bilen Birleşen Milletler Guramasynyň Çagalar gaznasynyň (ÝUNISEF) Türkmenistandaky wekilhanasynyň arasynda hyzmatdaşlyk etmegiň meýilleri hakynda resminama; Birleşen Milletler Guramasynyň Çagalar gaznasynyň (ÝUNISEF) Türkmenistan boýunça 2021 —

Все права защищены

save pdf date >>> 05.12.2025

2025-nji ýyllar üçin ýurt boýunça Maksatnamasyny durmuşa geçirmek babatda Türkmenistanyň Adalatçysynyň Diwany bilen ÝUNISEF-niň Türkmenistandaky wekilhanasynyň 2025-nji ýyl üçin iş meýilnamasyna; Türkmenistanyň Bilim ministrligi bilen Birleşen Milletler Guramasynyň Çagalar gaznasynyň arasynda «Ýaşyl» mekdep bilelikdäki Maksatnamasyny durmuşa geçirmekde hyzmatdaşlyk etmek babatda özara düşünişmek hakynda Ähtnama we başga-da birnäçe ikitaraplaýyn resminamalar toplumyna gol çekildi. Munuň özi ýurdumyzda guralýan halkara çärelere dünýä giňişliginde uly gyzyklanma bildirilýändiginiň nobatdaky beýanyna öwrüldi. R.Bazarow foruma gatnaşan döwletleriň wekillerinden köp sanly teklipleriň gelip gowşandygyny aýdyp, olarda bu ugur boýunça halkara gatnaşyklary işjeňleşdirmek, türkmen wekiliýetini öz ýurtlarynda kabul etmek ýaly başlangyçlaryň öňe sürülýändigini habar berdi. Şunuň bilen baglylykda, wise-prezident Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň müdiriýetiniň agzalarynyň daşary ýurtlara saparlaryny guramak we ilkinji sapary Özbegistan Respublikasyna amala aşyrmak baradaky teklibi öňe sürdi.

Gahryman Arkadagymyz haýyr-sahawat gaznasynyň alyp barýan işleriniň diňe bir öz ýurdumyzyň çagalarynyň abadançylygynyň bähbidine däl, eýsem, dünýä ýurtlarynyň çagalarynyň sagdyn durmuşynyň üpjün edilmegine hem gönükdirilýändigini belläp, “Kyýamat güni goňşudan” diýlişi ýaly, ilkinji saparyň ýakyn goňşymyz bolan Özbegistan Respublikasyna guralmagynyň maksadalaýyk çözgüt boljakdygyna ünsi çekdi. Hyzmatdaşlygyň özara tejribe alyşmak, halkara giňişlikde gaznanyň işini wagyz etmek we bu ugurda amala aşyrylýan çäreleri has-da kämilleşdirmek babatda ähmiýetlidigini nygtap, Milli Liderimiz bu teklibi oňlaýandygyny aýtdy.

Soňra Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň bejeriş işleri boýunça wise-prezidenti O.Atabaýewa halkymyzyň dünýä nusgalyk ynsanperwer ýörelgelerini esasy ugur edinýän gaznanyň alyp barýan işiniň halkara giňişlikde uly goldawa mynasyp bolýandygyny belledi.

Şeýle hem çagalaryň irki ösüşini kadaly ýola goýmak, ýaş nesilleriň arasynda sagdyn durmuş ýörelgelerini işjeňleşdirmek babatdaky işleriň häzirki zaman ylmynyň esasynda durmuşa geçirilmeginiň wajypdygy bellenildi. Şunda degişli ugurlaryň kanunçylyk binýadynyň berkidilmegine möhüm üns berilýär. Gaznanyň wise-prezidenti ýurdumyzyň saglygy goraýyş ulgamynyň işini häzirki döwrüň talabyna laýyk derejede kämilleşdirmek we lukmançylyk edaralaryna täzeçil usullary, sanly tehnologiýalary ornaşdyrmak bilen baglanyşykly birnäçe teklipleri öňe sürdi. Nygtalyşy ýaly, bu başlangyçlar keselleriň öňüni almakda ähmiýetli bolar.

Lukman Arkadagymyz saglygy goraýyş ulgamynyň işiniň ösdürilmeginiň “Saglyk” Döwlet

Все права защищены

maksatnamasynda kesgitlenen wezipeleriň üstünlikli ýerine ýetirilmegine baglydygyny aýtdy. Maksatnamanyň esasy wezipesi keselleri bejermek däl-de, olaryň öňüni almakdan ybaratdyr. Bu baradaky gürrüňi dowam edip, Milli Liderimiz gaznanyň “Sagdyn ene bolmasa, sagdyn çaga bolmaz” diýen ýörelgäni esasy ugur edinýändigini belledi. Şunda enäniň we çaganyň saglygyny goramagyň lukmançylyk edaralarynyň öňünde durýan esasy wezipeleriň biridigini aýtmak gerek.

Bellenilişi ýaly, ýurdumyzyň dürli künjeklerinde ýerleşýän hassahanalara we saglyk merkezlerine dünýäniň iň öňdebaryjy önüm öndürijileriniň dowamly böwrek ýetmezçiligi keselinden ejir çekýän hassalary has netijeli bejermäge niýetlenen häzirki zaman lukmançylyk enjamlary sowgat berildi. Munuň özi Diýarymyzyň ähli ýerlerinde saglygy goraýyş ulgamynyň işiniň yzygiderli kämilleşdirilmegi ugrunda döwlet tarapyndan edilýän aladanyň aýdyň netijesidir. Gahryman Arkadagymyz Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň wekilleriniň ýurdumyzyň welaýatlarynda bolup, köpugurly hassahanalarda, Enäniň we çaganyň saglygyny goraýyş merkezlerinde alnyp barylýan işler, lukmançylyk edaralarynyň hojalyk işleriniň ýagdaýy hem-de ýerlerde “Saglyk” Döwlet maksatnamasynyň ýerine ýetirilişi bilen tanyşmak üçin saparlarynyň guralmagy babatda birnäçe tabşyryklary berdi. Munuň özi döwlet derejesinde döredilýän mümkinçiliklerden netijeli peýdalanmak boýunça ýaýbaňlandyrylan çäreleriň işjeň ösdürilmeginde we ýurdumyzda sagdyn, berk bedenli nesilleriň kemala gelmeginde ähmiýetli çärä öwrüler.

Türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow kesgitlenen wezipeleri degişli derejede ýerine ýetirmekde hemmelere üstünlikleri arzuw edip, bu ýerden ugrady.

Все права защищены

save pdf date >>> 05.12.2025